# Ballaryň islär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ballaryň islär BALLARYŇ ISLÄR



Näzli dilber, menden gaçan bolsaňam,
Göwnüň ýene söýgi güllerin islär.
Lebleriňe asal siňen, bal siňen,
Dodak ýene seniň ballaryň islär.
Gül agzyňa şol esede-esede,

Düşünipdim söýgi atly eşrede.
Senden başga hiç zat islemese-de,
Süýji söhbediňi dilleriň islär.

Saňa iki dünýä beripdir Kadyr,
Akylyň musulman, ýüregiň kapyr.
Seniň saçlaryňy sypajak kändir,
Meniň aýalarymy telleriň islär.

Ýagşy günler başlananda ýaňy bir,
Sen mesele goýduň alnymda agyr.
Şol sapar baramda ýagypdy ýagmyr,
Ýürek ýaz-ýagmyrly ýelleriň islär.

Ruhuň hökümdardy, göwnüň gelindi,
Arasynda ýürek-bagrym dilindi.
Iň kän oýnan zadym seniň eliňdi,
Hiç bolmanda meni elleriň islär.

Italmaz AKMYRADOW Goşgular